# INTERNET

# ELEKTRON POÇTA



**AŞYRGYLYÇ ÝAZGYLYJOW**

# Internet, Elektron poçta: guralyşynyň, alnyp barylyşynyň tehnologiýasy

**A ş g a b a t - 2 0 0 7**

**Ýazgylyjow A.** Internet, Elektron poçta:
guralyşynyň, alnyp barylyşynyň tehnologiýasy. Aşgabat, 2007, sah. 48

Şu elektron gollanmada Internet we Elektron poçta barada gysgaça maglumatlar, olara girmegi guramagyň, howpsuzlyk çäreleri baradaky maglumatlar hem-de käbir ýumuşlary ýerine ýetirmegi tehnologiýasy anyk mysallarda getirilen.

Internetde neşir etdirilen şu kitaby awtor hukuklarynyň doly berjaý etmek bilen husgalap alyp bilersiňiz, ulananyňyzda awtora salgylanmak gerekdir. Türkmenistanyň raýatlary üçin zerur okuw gollanmalary döretmäge Size ak ýol arzuw edýärin, ol maglumat gollanmalaryň raýatlarymyza, kowumdaşlarymyza elýeter bolmagy meniň maksadymdyr.

**Kitaby adaty kagyza, kitap görnüşde çap etmäge ýardam berjek, ol kitaplary bilesigeliji türkmen halkyna ýetirjek işjeň adamlara, guramalara awtor çäksiz minnetdardyr**.

**Salgym: Yazgylyjow@Rambler.ru**

**© A. Ýazgylyjow, 2007**

# Mazmuny


1.Türkmenistanda Internet hyzmatlarynyň täze ädimleri _____________ 5

2.Dünýäde Internetden peýdalanýanlaryň, oňa elýeterligiň ösüşine syn 8

3.Internet Explorer programma bilen kompýuter torlarda maglumat alyş-çalyşygynyň guralyşy ________________________________________ 11

4.Microsoft Internet Explorer kompýuter programma boýunça Elektron poçtanyň salgysynyň (E-mail salgyny) döredilişiniň tehnologiýasy____ 26

5.Outlook Express programmada dünýä elektron aragatnaşygyna goşulmagyň tehnologiýasy bilen tanyşmak _________________________ 38

6.Türkmenistanda Internete birikmegiň we bellige alynyşynyň şertleri 44

6.1.Türkmenistanda bölünen kanal arkaly Internete girmegiň guralyşy 44

6.2.Türkmenistanda Internete girip işlemäge bildirilýän talaplar ____ 45

6.3.Türkmenistanda Internete girip işlenilende görülmeli howpsuzlyk çäreleri _________________________________________________ 45

## 1.Türkmenistanda Internet hyzmatlarynyň täze ädimleri

Öz köklerini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halky häzirki wagtda ummanlaşan dünýäde Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň halkymyza we dünýä halklaryna peşgeş beren Mukaddes Ruhnamasyndan gelip çykýan wesýetlerinden ugur alyp 2007-nji ýylyň Baýdak aýynyň 11-ne, türkmenleriň asyrlar boýy tejribeden geçen milli demokratiýamyza esaslanyp Türkmen Döwletine baştutan saýlady. Türkmen raýatlaryň ähliumumy gatnaşmagynda geçirilen Prezidentlik saýlawymyzy we onuň netijelerini ähli yklymyň döwletleri hem-de yklymlarda hormatlanýan Birleşen Milletler Guramasy hem-de Ýewropa birleşigi doly ykrar etdi. Geçirilen Prezidentlik saýlawlarda öz maksatnamasyny Türkmenistanly raýatlaryň erk-isleglerine, geljegine gönükdiren dalaşgär Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow sesleriň ähliumumy köplügini almak bilen Türkmenistanyň Prezidenligine saýlandy hem-de onuň netijeleri, Baýdak aýynyň 14-ne geçirilen XIX Halk Maslahatynda tassyklanyldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gürbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedow, siziň Prezidenlik gadamlaryňyz mübärek bolsun, sizi ähli halk saýlady, ol hakyň haladygydyr.

Siziň Türkmenistan Döwletiniň Prezideni wezipesinde ilkinji Permanlaryňyz Türkmen halkyna, Prezidentlik wezipesine dalaşgär hökmünde maksatnamaňyzda beren sözüňiziň durmuşa geçirilmegine ýol açýan “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” hem-de garaşsyz diýarymyzyň gözel paýtagty Aşgabatda we welaýat merkezlerde “Internet kafelerini” açmak barada bolmagy truwbaşdan ilatymyzyň raýatlary tarapyndan gyzyn garşylandy hem-de şol bir wagtda ummanlaşan dünýäde döwrebap orta we ýokary bilim almaga, dünýä täzeliklerini häzirki zaman maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryna daýanýan Internetiň bilesigeliji raýatlarymyza elýeter bolmagyna getirdi.

Dünýäniň maglumat-kommunikasion tehnologiýasynyň özeni bolan Internetiň ilatymyzyň bilesigeliji, işşewür bölegine häzirki wagtda Internet kafeleri arkaly elýeter edilmegi bu ugurdan ilkinji ädilen ädimlerdir, ony belläp geçmek bilen belent mertebeli Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow Türkmenistanyň aragatnaşyk ministrligine Turkmenistanda Interneti ösdürmek we ilata elýeter etmek barada Döwlet maksatnamasyny gysga möhletlerde işläp taýýarlamagy tabşyrdy.

Häzirki wagtda paýtagtymyzda we welaýat merkezlerde açylan Internet kafelerde goýulan kompýuterler arkaly ýurdymyzyň raýatlary elýeter bahadan dünýäniň islendik künjeginde, islendik metbugat serişdelerini gyzgynlygy bilen okap bilerlere, gerek bolsa olardan bölekleri öz lazer disklerine ýazyp hem-de çap edip alyp bilerler. Dünýä halklarynyň toplan baý intelektual mirasynyň ýerleşen naýbaşy kitaphanalaryna girip, olardaky elektron kitaplarynyň nusgalaryny alyp bilerler. Dünaniň islendik künjeginde ýaşaýan Internet bilen aragatnaşyk saklanýan ynsanyň öz elektron poçta salgysy bardyr, olara Internet kafe baryp öz döreden elektron poçtaň arkaly habar ibermek we habar almak bu günki-gün adaty zatdyr. Açylan Internet kafeler daşymyzy ýakyn eder yklymlardaky ynsanlary ysnyşdyrar. Internet kafelerdäki kompýuterleriň her birinde goýulan Web kamera arkaly Internete birigip daş aralykdaky ýerleşen beýleki, Internete şeýle ýagdaýda birigen iki ynsanyň biri-biriniň güler ýüzini görüp gepleşik gurap bilmegi adaty zatdyr. Iki we köp taraplaýyn Internet arkaly şeýle özara pikir alyşmalaryň, konferesiýalaryň guralmagy ýer togalagyndaky ynsanlara, işşewür adamlara, hünärmenlere ummasyz ykdysady çykdajylary, gidip gelmekleri aradan aýyrýar. Internet kafeler arkaly kompýuter bilen hatda adatça telefon arkaly uzak aralykdaky adamlar bilen gepleşmegiň nyrhy adatça telefon aragatnaşygyndan birnäçe esse arzandyr.

Tutuş Internet, hususanda Internet kafeleri häzirki zaman bilimli bolmagyň çeşmesidir. Ondan islendik iş, hyzmat barada, bilim barada maglumatlary degişli maglumat-gözleg ulgamlary www.Rambler, www.Yandex , www.Google  we ş.m. bilen tapyp bolar. Bütindünýä Internet ulgamynda türkmen diline ýöriteleşdirilen www.Google.tm maglumat-gözleg ulgamy bardyr. Internete gireniňden soň www.Google.tm ýazgyny açanyňdan soň açylan penjiredäki hat ýazylýan zolaga gözleýän işiň, hyzmatyň, bilimiň barada adalgany-sözi, islendik diliň ýazgysynda ýazyp kompýuteriň klawiaturasyndaky Enter düwmäni basmak ýeterlikdir, şonda açylan penjirede ol gözleýän sözüň Internetdäki saýtlarda(sahypalarda) bar bolanlaryň ählisiniň sanawy çykar. Çykan Internet saýtlarynyň sanawynyň her birini yzly-yzyna açmak bilen öz gözleýaniňiziň üstünden bararsyňyz.

Internet kafedäki kompýuterlerden dünýniň  multimediýa(tele, wideo, kino, aýdym-saz)  hazynasyna hem aralaşyp bolar. Islän teleradiogepleşigiňi gönüden-göni görüp, diňläp bolar. Öz wagtynda görüp bilmedik, birnäçe gün geçen teleradio gepleşikleriňi hem

Internet arkaly görmek mümkin bolmak bilen çäklenmän eýsem indi görkeziljek teleradiogepleşikleriň esasy bölekleri bilen hem gyzgynlygy bilen tanyşyp bolar. Ýäşlarymyz üçin örän wajyp dünýä ýaň salan täze döredilen kinowideo filimler bilen tanyşyp, gerek bolsa olary tölegli olardan alyp bolar.

ABŞ-yň Goranmak ministrliginiň Arpanet atly kompýuter torynyň esasynda döredilen bütindünýä **Internet** kompýuter tory öz meşhurlygyny we ösüşini geçen asyryň 90-njy ýyllardan başlap amala aşyryp başlady. Ol biziň mähriban Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyz ösüşi bilen gabat geldi hem-de Interneti Türkmenistanda ornaşdyrmak barada milletiň ruhy atasy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan uly aladalar edildi. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda kämil milli, dünýä standartlaryna gabat gelýän öýjikleşdirilen aragatnaşyk ulgamy kemala geldi. Türkmenistanyň kämil aragatnaşyk ulgamy süýümli-optik kabeli arkaly dünýä aragatnaşyk ulgamyna öz ady, öz kody bilen girdi. Ýurdymyzyň içinde welaýatara, paýtagt Aşgabat bilen welaýatara aragatnaşyklar tutuş süýümli-optik kabellere esaslanýandyr. Türkmenistanda 2006-njy ýylda ýerli we öýjikli aragatnaşyk ulgamynda ulanylýan telefon nokatlaryň sany 766079 boldy. Ulanylýan telefon nokatlarynyň umumy sanyndan 486079 telefon belgi ýerli aragatnaşyk ulgamynda, 280000 telefon belgi bolsa öýjikli aragatnaşyk ulgamda işledi. 2007-nji ýylda TM CELL Milli öýjikli aragatnaşyk ulgamynyň telefonlary ýenede 105000 telefon nokatlary bilen üsti ýetiriler. Umumy möçberi 80512 telefon belgili bolan sanly awtomatiki telefon stansiýalary Aşgabatda we welaýatlarda işe giriziler(Türkmeniň ýüpek ýoly gazeti 17.02.2007-8 sah).

Türkmenistanda kemala gelen kämil aragatnaşyk ulgamynyň sanly we öýjikli telefonlary ilaty Internete elýeter etmegiň esasy serişdeleri bolup durýar. Türkmenistanda Internet hyzmatyny beriji prowaýder TürkmenTelekomyň talayna görä raýatlarymyzyň we edara-kärhanalaryň, guramalaryň Internete birikmegiň esasy talaby olaryň Pentium kysymly kompýuterleriniň(olaryň torynyň) hem-de adaty telefon aragatnaşygynyň olarda bolmagy bolup durýar. Türkmenistanda Internet kafeleri bilen bir hatarda bilesigeliji halkymyzyň esasy bölegini ýokarky enjamlary bolanda Internete birigmegiň şertlerini **E-mail: info@online.tm** elektron poçtasyndan hem-de **HTTP:// www.online.tm**, www.telecom.tm, www.mct.gov.tm Internet saýtlaryna girip alyp bilersiňiz. Bu saýtlaryň käbirlerinde Türkmenistanda Internete girmegiň şertleri rus dilinde berilen, olary türkmen

diline geçirip ol saýtlarda ýerleşdirilse, döwürleýin neşir edilýän Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde bildirişler görnüşinde ýerleşdirilse hasam ýerlikli, döwrebap iş bolardy.

Türkmenistanda Internetiň ilata elýeter bolmagy belli bir derejede ýurtda döwrebap adaty we kompýuter sowatlylygyň hasam belent sepgitlere ösdürilmegini talap edýär hem-de türkmen halkynyň asyrlar boýy ýygnan medeni, intelektual mirasynyň Internet saýtlarynda döwrebap bezäp dünýä dillerinde, şol sanda türkmen dilinde köpçülikleýin ýerleşdirmegi gurmak derwaýs iş bolup durýar. Şeýle hem kämil ösüp ýetişen milli bilim ulgamymyzyň ösen maglumat-kommunikasiýanyň tehnologiýalarynyň gazananlaryna esaslanyp täzeden kämilleşdirilende ähli mekdepleriň görnüşleri üçin okuw dersleriniň kitaplary ilki bilen Internet sahypalarynda ýerleşdirilip ara alyp maslahatlaşylsa, ähli mugallymlaryň gatnaşmagynda kämilleşdirilip çap edilse täze sepgitlere ýetlerdi. Bu iş 2007-nji ýylda Beýik Serdarymyz tarapyndan tassyklanan Döwlet býujetinde göz öňünde tutulan 120000 sany personal kompýuterleriň orta mekdeplerde ornaşdyrylmagy esas bolup durýar. Türkmenistanda bar bolan 1700 sany mekdepleriň iň azyndan her birinde 10 sany personal kompýuterleriň bolmagy, olaryňam Internete telefon aragatnaşygy arkaly birikdirilmegi, ilkinji nobatda ösüp gelýän ýaş nesilimiziň Internete elýeter edilmegi Türkmenistanyň Bilim ulgamynda uly özgerlişiklere, netijede durmuş-ykdysady ösüşlerimize oňyn täsir eder. Türkmenistandaky Internet hyzmatlarynyň täze ädimleriniň mübärek bolmagyny, gadamlarynyň batly bolmagyny, türkmen halkymyzyň dünýä halklary bilen el-ele berip baky abadançylykda, bolelinlikde ýaşamagyny arzuw edýärin.

Mazmuna geçmek

## 2.Dünýäde Internetden peýdalanýanlaryň, oňa elýeterligiň ösüşine syn

Türkmenleriň arzuwlan döwletini esaslandyran Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň görkezen, wesýet eden filosofiýasy esasynda agzibir, asuda žahmet döredijilikeri bilen ýaşaýan türkmen halky XVIII Halk Maslahatynyň çözgüdi esasynda Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärleriň maksatnamalary we çykyşlary bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly tanyşmagyny dowam etdirýär. Dalaşgärleriň maksatnamalarynyň we çykyşlarynyň içinde Türkmenistan döwletiniň baştutanynyň wezipesini ýerine ýetiriji Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedowyň çykyşynda

döwleti berkitmek, ilatyň durmuş-ykdysadyýetini ösdürmek bilen bir hatarda Döwletimiziň her bir raýatynyň Internete elýeter bolmagyny gazanjakdygy barada aýdany has ýerlikli we dünýä derejesinde döwrebap maksat bolup durýar. Dünýä derejesinde işşewürligiň we işjeňligiň maglumat alyş serişdesi bolan Internetiň ýer togalagynyň ilatlaryndaky, döwletlerindäki görkezijilerine degişli gysgaça maglumatlary halka ýetirmegi rowa gördük.

Birleşen Milletler Guramasynyň hasaplan maglumatlaryna görä Halkara maglumat-aragatnaşyk tehnologiýasy bütin adamzadyň, şeýle hem her bir ýurdyň aýratyn raýatynyň durmuş-ykdysady ösüşine oňaýly täsir edýär. Halkara maglumat-aragatnaşyk tehnologiýasynyň aýrylmaz bölegi bolan Internet güýçli depginler bilen raýatlaryň ýaşaýyş gurşawyna öwrülip başlady. Halkara Elektroaragatnaşyk Birleşiginiň maglumatlaryna görä 2004-nji ýylyň söňunda Internetden peýdalanlaryň sanawy 875.6 mln. adama ýetip, her ýylky ösüş depgini ortaça 22 göterimden hem artyp 2006-njy ýylyň ahyrynda bir millarda adamdan hem geçen hasaplanylýar.

Dünýä böleklerinde Internetiň ulanyjylarynyň iň köp sany Aziýa bolup durýar. Bu ýerde Hytaý, Hindistan ýaly läheň ýurtlaryň her birinde millardlap ýaşaýjylary bolup Internetiň ulanyjylarynyň her ýylky ösüşi, öňki ýyl bilen deňeşdirilende 30 göterime ýakynlaşýar. Degişlilikde ol ýurtlaryň halklarynyň durmuş-ykdysady ösüşi her ýyl 10 göterimden artykdyr. Aziýadan soň Internetden köp ulanylýan dünýä bölekleri Ýewropa, Afrika bolup durýar. Ýurtlar boýunça Internetden peýdalanyjylaryň sany, ilatyň sanyna görä Amerikanyň Birleşen Ştatlary bolup durýar. 2004-nji ýylyň soňunda Internetden peýdalanyjylaryň sany 185 millon adama barabar boldy. Şeýle bolsa hem ýaşaýjylaryň her 100 adamsyndan Internetden peýdalanyjylaryň sany boýunça ABŞ dünýä ýurtlarynyň arasynda 4-nji orny eýeleýär. Birinji orny Täze Zellandiýa, ikinji orny Şwesiýa, üçünji orny Günorta Koreýa respublikasy(70%-denem köpüräk) eýeleýär. Hytaý döwleti Internetiň iň uly bazary bolýan hem bolsa ilatynyň bary-ýogy 7.2%-i Internetden peýdalanýandyrlar. Demirgazyk Amerikanyň ilatynyň 62.6%-ine Internet elýeterdir, şol bir wagtda ol görkeziji Afrikanyň ilaty üçin 3.1%-dir. Ortaça Ýewropa Birleşigine girýän 15 döwletleriniň ilatynyň ýaryndan köprägine Internet elýeterdir. Umuman 2004-nji ýylyň soňunda dünýäniň ilatynyň 14.3%-ne Internet elýeter boldy we bu görkezijiniň artmagyny dowam etdirýär.

Soňky ýyllarda Interneti öz raýatlaryna elýeter bolmagy üpjün etmek üçin uly tagalla edýän ýurtlar Garaşsyz Döwletleriň Arkalasygy we Ýewropanyň öňki sosialistik döwletleri bolup durýar. Olarda Internetden peýdalanyjylaryň sany her ýyl, öňki ýyl bilen deňeşdirilende 70 göterimden hem köp artýar. Bu döwletler öz ilatlarynyň durmuş-ykdysadyýetini bazar gatnaşyklara kibaplaşdyrmak, ilatyň işşewürligini artdyrmak maksady bilen ykdysady özgerişleri geçirmek bilen özleriniň her bir işjeň raýatlaryna, okuwçylaryna, talyplaryna Internetiň elýeter bolmagy ugrunda alada edýärler. Bazar ykdysady gatnaşyklardaky işşewür amallar, bank-maliýe amallary, müşderileriň zerurlyklary ýuwaş-ýuwaşdan Internetiň üsti bilen kanagatladyrylyp, ol işleriň ýetine ýetirilişi ilerlenip, dolandyryş çözgüdi kabul etmegiň wagty ep-esli gysgaldy.

Mazmuna geçmek

# 3.Internet Explorer programma bilen kompýuter torlarda maglumat alyş-çalyşygynyň guralyşy

Maglumat ulgamynda kompýuteri ulanyjylar arasynda özara aragatnaşyk arkaly maglumat alyş çalyşygy dünýä derejesinde **Microsoft** firmanyň işläp taýýarlan Internet Explorer hem-de Outlook Express programmalary bilen amala aşyrylýar.




Internete girmek üçin, onuň girme parametrlerini bilmeklik zerurdyr, onuň üçin olar öňi bilen berilmeli. Internete girmegiň parametrleri şeýle yzygiderlikde berilýär:
1.Microsoft Internet Explorer programmanyň penjiresindäki **Сервис>>Свойства образователя >>Enter** buýruk bilen aşakdaky penjire açylar




2.Ýokarky **Свойства образователя** penjiräniň **Подключения** gatyna geçmeli




3.Eger kompýuteriňiz Internete birikmedik bolsa **Установить…** düwmäni basyp *ussadyň* kömegi bilen kompýuteriňi birikdirmeli, onuň yzygiderligi




Internete birikdirmegiň ussady işleýän *kompýuteriňizi* ***Internete*** *birikdirer; töwöregiňizdäki* ***hususy kompýuter tora*** *birikdirer; edaraňyzdaky ýa-da öýüňizdäki kompýuterleri* ***kompýuter torynya*** *birikdirer*.

4.Soňra **Далее** > düwmäni basmaly, şonda şu penjire ekrana geler




**5.Internete birikmek** isleseňiz penjiräniň şu Подключить к Интернету -setirinde şeýle bellik bolmaly, soňra **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli;

**5.1.**Kompýuteri Internete **Ussadyň** birikdirmäge taýýarlanyşynyň berilmeli parametrleriniň penjiresi




Bu penjirede Internete girmegiň usullary berilmeli:

- Eger **Internete**, onuň hyzmatyny beriji **prowaýderleriň** sanawyndan biriniň üsti bilen birikjek bolsaňyz şu **Выбрать из списка поставщиков услуг Интернета** -setirde şeýle bellik goýup, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, çykan penjireden **Готово** düwmäni basmaly.
- Eger **Internete** birikmegi *gol* bilen amal etjek bolsaňyz şu setirde **Установить подключение вручную**-şeýle bellik goýup, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda zerur parametrleri bermegiň şeýle penjiresi açylar




Bu ýerde adaty telefon aragatnaşygy arkaly özüňde bar modem bilen **Internete** birikjek bolsaň şu setirde **Через обычный модем**- şeýle bellik goýup soňra

**Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda Interet hyzmat beriji *prowaýderiň* adyny girizmekligi soraýan şu penjire açylar




soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda ol prowaýdere birigýän telefonyň nomerini girizmekligi soraýan şu penjire açylar




soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda ol prowaýdere birigýän telefonyň nomerini girizmekligi soraýan şu penjire açylar




Ulanyjy öz adyny, ulanýan parolyny şu penjiräniň degişli zolaklarynda bermeli, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli.

**Bellik**: Parolyňy örän gizlin, howsuzrak ýerde saklamaly, egerde ony ýatdan çykarsaňyz hyzmat edişýän prowaýderiňize ýüz tutyp bilersiňiz.

Eger hemme parametrler dogry berilen bolsa ekrana şu penjire geler




Iş sizi kanagatlandyrsa **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

- Eger **Internete** birikmegi Internet hyzmatlaryny berijiniň ykjam-diskisini peýdalanyp birikdirjek bolsaňyz şu setirde **Использовать компакт-диск поставщика услуг Интернета**-şeýle bellik goýup soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, çykan penjireden **Готово** düwmäni basmaly.

**<u>1-nji ýumuş.</u>** Her bir talyp öz kompýuterindäki **пуск**> > Программы >> Internet Explorer >>Enter basyp **Internet Explorer** programmanyň iş ekranyny açyp görsün. Internet Explorer-iň baş menýuyndan **Сервис>>Свойства образователя>>Enter** yzygiderlikde **Свойства образователя** penjiräniň **Подключения** gatyna geçsin, onda Установить...-düwmäni bassyn, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli. **Internete** birikmegiň **Подключить к Интернету**-penjiresinde **Ussad**-yň kömegi bilen birnäçe mümkin görnüşlerini öz adyňy, familiýaňy, okaýan toparyň kodyny, telefonyň nomerini bermek bilen ýerine ýetirmeli. Ýumuşyň islendik penjiresinden < Назад-düwme bilen yza gaýtmany öwrenmeli. Maglumat ýazan islendik penjiräňi klawiaturadan **Alt+PrintScreen** hem-de **Ctrl+V(Вставить)** düwmeleri utgaşdyryp basyp tejribeligiň tekstinde goýmaly.

6.Eger kompýuteriňizi **Hususy kompýuter tora birikdirmek** isleseňiz Мастер новых подключений-penjiräniň şu **Подключить к сети на рабочем месте**-setirinde şeýle bellik bolmaly, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda tora birikdirmegiň şu penjiresi açylar




Kompýuteriňiz kompýuter tordan uzagrak aralykda bolup, ol tora birikmek adaty telefon aragatnaşygy we modem bilen ýa-da ISDN telefon aragatnaşygy bilen bolsa penjiredäki Подключение удаленного доступа ýazgy setirinde şeýle bellik goýmaly hem-de **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli




Bu penjiräniň Организация ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga birigýän Serweriň ýa-da iş ýeriniň adyny girizmeli, mysal üçin “**THHI OTS server**” hem-de **Далее >** düwmäni basyp çykan penjirede tora girmek üçin haýsy telefon nomerini ulanjagyňy görkezmeli




Номер телефона: -ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga baglanyşjak telefonyň nomerini ýazmaly, eger kompýuteriňiz şäherara bolsa telefonyň öňünden äherara kody girizmeli hem-de **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

Eger Мастер новых подключений -penjirede Подключить к сети на рабочем месте -arkaly **Hususy kompýuter tora birikdirmek** isleseňiz, onda **Internet** arkaly hususy howaýy kompýuter tora Подключение к виртуальной частной сети -şeýle setir buýrugy bilen açylan şu penjirede buýruklar bermeli



Bu penjirede Организация -ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga birigýän iş ýeriň adyny ýa-da serweriniň adyny girizip **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, şonda indiki penjire çykar




Bu penjiredäki ýazgy ýazylýan zolaga birikjek bolýan kompýuteriň fiziki salgysyny mysal üçin **157.64.12.11** ýa-da birleşmäniň adyny mysal üçin **Turkmentelekom.com** ýazgyny ýazmaly hem-de **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

**<u>2.-nji ýumuş</u>.** Her bir talyp öz işleýän kompýuterini **Hususy kompýuter tora birikdirmek** işini Мастер новых подключений -penjede şu ⊙ Подключить к сети на рабочем месте -setirinde şeýle bellik goýup, soňra **Далее >** düwmäni basyp **Ussad**-yň kömegi bilen birnäçe mümkin görnüşlerini öz adyňy, familiýaňy, okaýan toparyň kodyny, telefonyň nomerini bermek bilen ýerine ýetirmeli. Ýumuşyň islendik penjiresinden < Назад -düwme bilen yza gaýtmany öwrenmeli. Maglumat ýazan islendik penjiräňi klawiaturadan **Alt+PrintScreen** hem-de **Ctrl+V(Вставить)** düwmeleri utgaşdyryp basyp tejribeligiň tekstinde goýmaly.

**7.Öý ýa-da kiçi edaradaky kompýuterleri, kompýuter tora birikdirmek** isleseňiz penjiräniň şu ⊙ Установить домашнюю сеть или сеть для малого офиса -setirinde şeýle bellik bolmaly, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

**3.-nji ýumuş.** Her bir talyp öz işleýän kompýuterini **Öý ýa-da kiçi edaradaky kompýuterleri, kompýuter tora birikdirmek** işini Мастер новых подключений -penjede şu ⊙ Установить домашнюю сеть или сеть для малого офиса -setirinde şeýle bellik goýup, soňra **Далее >** düwmäni basyp **Ussad**-yň kömegi bilen ýerine ýetirsin. Amal eden işiniň penjiresini klawiaturadan **Alt+PrintScreen** hem-de **Ctrl+V(Вставить)** düwmeleri utgaşdyryp basyp tejribeligiň tekstinde goýmaly.

**8.Başga kompýutere gönüden-göni birikmegi ýola goýjak bolsaňyz** isleseňiz penjiräniň şu Установить прямое подключение к другому компьютеру-setirinde şeýle bellik bolmaly, soňra **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli




Bu penjirede başga kompýutere gönüden-göni birikmegiň iki usulyndan birini saýlamaly.

**8.1.**Eger birikmegiň görnüşini Internet bilen gelýän birikjegi kabul etjek bolsaň Принимать входящие подключения-ýazgy setirinde şeýle bellik goýmaly, soňra **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli




Bu penjirede Internet boýunça gelýän birikme üçin ulanylýan gurluşy Устройства для подключения:-ýazgynyň aşaky eteginde çykan sanawdan saýlap olaryň haýsam

bolsa biriniň ýa-da birnäçesiniň öňüne ☑-şeýle bellik goýmaly, goşmaça birikmäniň maglumatlaryny beresiň gelse Свойства -düwmäni basyp çykan şu penjireden bermeli




Bu penjiräniň Общие gatynda çagyrmagyň parametrleri hem-de aragatnaşyga birikmegiň parametrleri berilýär. Penjiräniň Дополнительные параметры связи gatynyň görnüşi birikmegiň gurluşyna baglylykda şeýledir




Açylan şu penjirede terminalyň penjiresi hem-de birikme gurluşy düzmegiň parametrleri berilýär, ondan soň **OK** basmaly, soňra **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda ekrana şu penjire geler




Eger öz kompýuteriňize **VPN**-birikmäni rugsat bersňiz, özüňizdäki **Windows** brandmaueriň parametrleri üýtgediler, netijede siziň kompýuteriňiz **VPN-toplumy** iberip hem-de alyp biler. Ol iş siziň kompýuteriňiziň Internetde **IP**-salgysy ýa-da ady bolsa mümkindir. Bu ýerde Разрешить виртуальные частные подключения-ýazgyda bellik goýsaňyz wirtual birikmä rugsat berilýär(Запретить виртуальные частные подключения-*ýazgyda bellik goýulsa hem netije aşakdaky ýalydyr, tapawudy anyk salgyly kompýutere birikmek bolup durýar*), **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda ekrana şu penjire geler




Bu penjiredäki getirilen sanawlarda kime birikmeklik rugsat berilen bolsa onuň ýazgysynyň öňüne ☑-bellik goýmaly. Olary Удалить-basyp aýyryp, Добавить...-dümäni basyp, ol sanawa täze agzalary goşup bolar. Eger goşjak bolsaň Добавить... düwmäni basanyňda çykan penjirede onuň häsiýetnamalaryny bermeli, mysal üçin




**Разрешения пользователей** -penjirede berilmeli parametrleri berip, ondaky **Далее >** düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, şonda ekrana şu penjire geler




**Программы работы с сетью**-penjiräniň kompýuter tor bilen işlemegiň programmalaryny işe girizmegi teklip edýä sanaw çykar, olardan geregiňiň öünde ☑-şeýle bellik goýmaly. Penjiredäki Установить...-düwmäni basyp goýulýan tor düzümiň görnüşini äsakdaky çykan penjireden berip bolar




Bu penjiredäki tor düzümine Клиент-saýlasak, ol birikdirilýän toryň kompýuterlerine we faýllaryna müşderä girmegi üpjün edýär; Служба-saýlasak, torda

faýllar we printerler bilen bilelikde işlemegi üpjün edýär; Протокол- setiri saýlasak torda kompýuterleriň özara maglumat berişiniň dilini kesgitleýär. Degişli parametrleri berip penjiräniň aşaky etegindäki Добавить... -düwmäni basmaly, çykan penjirede zerur maglumatlary girizip **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

**8.2.**Eger kompýuteriň başga kompýutere birikmegiň görnüşi yzygider- (COM1), ugurdaş- (LPT1) ýa-da şu kompýuteriň infragyzyl porty esasynda bolsa onda 8.1. bölegiň ýokarysyndaky **Дополнительные параметры подключения**-penjirede Подключиться напрямую к другому компьютеру -ýazgy setirinde şeýle bellik goýmaly, soňra **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli




Iki kompýuteri biri-birine birikdirjek bolsaňyz haýsam bolsa biri alyp baryjy ýa-da alnyp baylýan bolmaly. Eger siziň birikdirjek kompýuteriňiz beýlekä görä alnyp barylýan bolsa, ýagny ondan size gerekli maglumatlary almaly bolsa ýokarky penjirede Ведомый компьютер-şeýle bellik goýmaly, soňra **Далее** > düwmäni basmaly işi dowam etdirmeli



Bu penjirede iki birikdirilýän kompýuteriň birikdiriliş gurluşyny görkezmeli, ony Устройство для этого подключения: ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky -belligi basyp aşakdaky sanawdan birini Прямой параллельный порт (LPT1) ýa-da Последовательный порт (COM1) saýlamaly, onuň häsiýetlerini penjiredäki Свойства düwmäni basyp berip bolar. Işi **Далее** > düwmäni basyp dowam etdirmeli




Bu penjiräniň häsiýetlerini öň 8.1.bölekde seredip geçipdik, işi **Далее** > düwmäni basyp dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly. Eger **Ведомый или ведущий?** -penjirede siziň birikdirjek iki kompýuteriňiziň biri Ведущий компьютер bolsa onuň parametrleri, ol penjiredäki **Далее** > düwmäni basyp çykan şu penjireden berilýär



Bu penjirede birigýän kompýuteriňiziň adyny bermegi sorar, ony Имя: -ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda berip bolar, mysal üçin yazbirleshik, soňra **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli




Bu penjirede iki kompýuteriň birigiş gurluşy görkezilýär, onuň berilişini 8.1. bölekde görkezdik. **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede **Готово** düwmäni basyp işi tamamlamaly.

**4.-nji ýumuş**. Her bir talyp öz işleýän kompýuterini **Başga kompýutere gönüden-göni birikmek** işini Мастер новых подключений -penjede şu Установить прямое подключение к другому компьютеру -setirinde şeýle bellik goýup, soňra **Далее >** düwmäni basyp **Ussad**-yň kömegi bilen birnäçe mümkin görnüşlerini öz adyňy, familiýaňy, okaýan toparyň kodyny, telefonyň nomerini bermek bilen ýerine ýetirmeli. Ýumuşyň islendik penjiresinden < Назад-düwme bilen yza gaýtmany öwrenmeli. Maglumat ýazan islendik penjiräňi klawiaturadan **Alt+PrintScreen** hem-de **Ctrl+V(Вставить)** düwmeleri utgaşdyryp basyp tejribeligiň tekstinde goýmaly.

Mazmuna geçmek

## 4.Microsoft Internet Explorer kompýuter programma boýunça Elektron poçtanyň salgysynyň (E-mail salgyny) döredilişiniň tehnologiýasy

Microsoft Internet Explorer kompýuter maksatnama bilen Internete gireniňizden belli bir saýtyň adyny bilmeseň gerek maglumatyňy haýsam bolsa bir maglumat-gözleg ulgamy çagyryp amal edip bolar. Mysal üçin Internet Explorer-iň Адрес: -ýazylan zolagyň sagynda maglumat-gözlegiň adyny http://www.rambler.ru/ -şeýle ýazalyň **Enter** basamaly, şonda onuň iş penjiresi ekrana geler




**Rambler maglumat-gözleg ulgamy** boýunça islendik maglumaty, maglumatlar toparyny, onuň adalgasyny-sözüni Найти!-ýazgynyň öňündäki zolaga ýazmaly, soňra Найти!-ýazgyny basmaly. Şonda zolaga ýazylan adalga degişli saýtlatyň sanawy ekrana geler, olardan geregiňi yzygiderli açyp bolar.

**Rambler maglumat-gözleg ulgamy** bilen öz ýa-da beýleki elektron aragatnaşygyňyzy açyp bilersiňiz, onuň üçin ekranyň Почта bölümindäki Имя -ýazgynyň sagyndaky zolaga E-mail salgynyň adyny ýazmaly, mysal üçin *ashyr@yaz*, ondan aşakdaky Пароль-ýazgynyň sagynda ol salgyny açmak üçin berlilmeli paroly ýazmaly, soňra Войти-düwmäni basmaly, şonda Internetde şeýle salgy, şol berlen parol bilen açylar.

**Rambler maglumat-gözleg ulgamy** bilen öz E-mail(Elektron aragatnaşygyňyzyň) salgyňyzy mugt hem döredip bilersňiz, onuň üçin tehnologiýasy aşakdaky tertipdedir:

1.Ekrandaky Почта ýazgynyň sagyndaky получить адрес-ýazgynyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip basmaly, şonda täze Internet ulanyjyny hasaba almak üçin maglumat berilýän penjire ekrana geler




2. Ваше имя на Рамблере (логин): * ýazylan ýeriň sagyndaky zolaga E-mail salgyňyň gysgaltmasyny, **latyn** harplarda we **0, 1, …, 9** sanlarda, 20 belgiden köp bolmadyk, harp bilen başlanýan at bermeli. Berilen at mümkin bolsa düşünikli ýa-da mnemoniki kodlanan bolsa ýerlikli bolar. Mysal üçin, *yaz20062904* - yaz-yň 2006-njy ýylyň **Gurbansoltan** aýynyň 29 açan **E-mail** salgysy.
3. Настоящее имя: * ýazylan ýeriň sagyndaky zolaga adyňy girizmeli. Mysal üçin *Ashyrgylych*. **Rambler** siziň adyňyzy tutup ýüzlener.
4. Фамилия: * ýazgynyň sagyndaky zolaga öz familiýaňyzy girizmeli. Mysal üçin *yazgylych*. Aşakda doldyrylan penjire getirilendir.

**Bellik:** doldyrylmaly ýazgynyň setirinde * goýulan bolsa ol setir hökman doldyrylmaly.




5. Soňra Продолжить düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, şonda aşakdaky maglumatlar ýazylýan penjire ekrana geler.
6. Пароль: *-ýazgynyň sagyndaky zolakda açan E-mail salgyňyza açmak üçin parol bermeli. Beriljek parol **latyn** harplardan, **0,1,…,9** sifrlardan, **! @ $ % ^ & * ( ) _ - +** belgilerden ybarat bolup 6 belgiden az bolmaly däl hem-de **Rambler**däki öz adyň bilen gabat gelmeli däldir.
7. Повторите пароль: * ýazgynyň sagyndaky zolaga ýenede beren parolyňy bolyşy ýaly ýazmaly.
8. Вопрос: * ýazylanyň sagyndaky zolaga, ol zolagyň sagyndaky ▾ belgini basyp çykan sanawdan birini saýlamaly.
9. Ваш ответ: * ýazgynyň sagyndaky zolaga islendik sözi ýazyp bilersiňiz, ol parolyňyzy ýatdan çykarsaňyz, Ramler berlen soraga beren jogabyňyza görä parolyňyzy aýdyp berer.
10. Контактный email:-ýazgynyň sagyndaky zolakda ätiýaçlykdan parolyňyzy ýazyp goýan E-mail salgyňyzy görkezmegi sorar, ony görkezmek hökman hem däldir.
11. получить новый номер-ýazgynyň öňi şeýle bellikde bolmaly, size täze nomer beriler.
12. Дополнительная информация-bölekdäki maglumatlar hökmanam däldir, doldyrmaga höwesli bolsaňyz doldyryň. Mysal üçin Новости от Рамблера:ýazgynyň sagyndaky получать ýazgynyň öňünde bellik goýsaňam bolar.
13. Контрольное число: ýazgynyň sagyndaky zolaga Rambler-iň saňa beren nomerini  klawiaturadan ýazmaly. 6-13 ädimleriň ýazgysy aşakda getirilendir

РАМБЛЕР

Rambler ID

### Регистрация пользователя yaz20062904 на Рамблере

Символом * отмечены обязательные поля. Введенные данные будут использоваться строго в соответствии с правилами Рамблера о защите данных о пользователях.

---

Пароль: * ******

Повторите пароль: * ******

Пароль должен быть не короче 6 символов, состоять из латинских букв, цифр, символов ! @ $ % ^ & * ( ) _ - + и не может совпадать с Вашим именем на Рамблере. Прочитайте также, как правильно выбрать себе пароль.

### Если Вы забудете пароль

Вопрос: * Любимый цвет

Ваш ответ: * braw o

Рамблер сможет напомнить Вам пароль *только* после того, как Вы ответите на этот вопрос.

Контактный email: если есть

На этот адрес будет выслан пароль, если Вы его забудете.

### Рамблер и ICQ

Номер ICQ: * получить новый номер

Ник: yaz20062

Опубликовать имя,

Рамблер и ICQ объединили свои усилия, чтобы

| | | |
|---|---|---|
| | фамилию, пол и день рождения в каталоге ICQ ☐<br>○ у меня уже есть номер ICQ | предоставить Вам лучшие возможности общения! Теперь, регистрируясь на Рамблере, Вы получаете номер ICQ, объединенный с Вашим именем на Рамблере. Если у Вас уже есть номер ICQ - используйте его и получите новые возможности.<br><br>Условия предоставления услуг ICQ |

### Дополнительная информация

| | | |
|---|---|---|
| День рождения: | | В формате ДД месяц ГГГГ. Вы можете указать только день и месяц. |
| Ваш пол: | ○ мужской ○ женский | |
| Новости от Рамблера: | ☑ получать | Время от времени мы рассылаем нашим пользователям сообщения с информацией о новых проектах. Для отправки сообщений будет |

использован адрес yaz20062904@rambler.ru. Если Вы не хотите получать новости Рамблера, или уже получаете их на другой почтовый ящик, снимите отметку.

Контрольное число: 907410  Введите число, изображенное на картинке.

Регистрируясь, Вы соглашаетесь с условиями использования персональных служб и сервисов Рамблера, опубликованными по адресу http://id.rambler.ru/doc/reglament.shtml.

уЗарегистрировать имяу okarky penjirede grkezilendir

14. Зарегистрировать имя-ýazgyny basmaly. Netijede **Rambler** meni hasaba alynmagym bilen gutlaýan aşakdaky penjire açylar.




Internetde täze açan E-mail salgymyzyň doly atlandyrylyşy şeýle ýazylandyr **yaz20062904@rambler.ru** , umumy **ICQ-**ulgamda berilen nomer 197143731 .

**5.-nji ýumuş.** Kompýuter otagyňyz **Internete** birikdirilen bolsa Internet-de öz adyňyz bilen ýokardaky ýaly E-mail salgyňyzy dörediň we adyňyzy hem-de parolyňyzy ýatda saklaň.

Bu penjiräniň reňklenen islendik bölegine syçanyň peýkamyny eltip bassaňyz, Internet-däki ol topar barada maglumatlar ekrana geler. Mysal üçin, **СЕГОДНЯ:** >
>Финансы>>**Enter** bassak aşakdaky *maliýe täzelikleri* barada penjire çykar.




Degişli ýere baryp ony açsaňyz dünýäniň maliýe täzelikleri siziň ekranyňyza geler.

**Internet** ulgamynda häzirki wagtda has meşhur ***maglumat-gözleg ulgamy*** **Google** programmasydyr, onda Türkmenistan we türkmen dilindäki maglumatlar aýratyn toparlandyrylandyr, onuň Internet saýty www.google.tm bolup durýar, ony **Microsoft Explorer**-de açsak aşakdaky görnüş ekrana geler:




Google™ –maglumat gözlegiň **Web** Suratlar Toparlar Düzine ýazylan setiriniň aşaky etegindäki zolaga gerek maglumat toparyň adalgasyny-sözüni ýazyp Google Gözle-düwmäni basmaly. Mysal üçin Turkmenistan ýazgyny şol zolaga ýazyp Google Gözle düwmäni basanymyzda aşakdaky Internet saýtlarynyň sanawy geler:

Google

**Веб** Картинки Группы Каталог **Дополнительно »**

Turkmenistan | Поиск

Расширенный поиск
Настройки

Поиск в Интернете   Поиск страниц на русском

**Веб** Результаты **1** - **10** из примерно **96 500 000** для **Turkmenistan**. (**0,17** секунд)

Совет: Ищите страницы только на **русском** языке . Вы можете задать язык поиска в разделе Настройки

[ Интернет-газета **Turkmenistan**.ru ]

Интернет-газета. Оперативные новости о Туркменистане, разбитые по рубрикам.
www.**turkmenistan**.ru/ - 35k - 27 апр 2006 - Сохранено в кэше - Похожие страницы

Туркменистан: золотой век

Ежедневно обновляемые новости.Государство, политика, экономика, общество.
www.**turkmenistan**.gov.tm/ - 52k - 27 апр 2006 -
Сохранено в кэше - Похожие страницы

**Turkmenistan**: the Golden Age

Official page for news, state, politics, economy and society issues of **Turkmenistan**. Also available in Russian.
www.**turkmenistan**.gov.tm/index_eng.html - 34k - 27 апр 2006 -
Сохранено в кэше - Похожие страницы

CIA - The World Factbook -- **Turkmenistan**

Features map and brief descriptions of the geography, people, government, economy, communications, transportation, military and transnational issues.
www.cia.gov/cia/publications/factbook/geos/tx.html - 109k -
Сохранено в кэше - Похожие страницы

**Turkmenistan** Online

Интернет провайдер. Доступа к сети интернет по коммутируемым и выделенным линиям. Статистика для абонентов.
www.online.tm/ - 17k - Сохранено в кэше - Похожие страницы

EMBASSY OF **TURKMENISTAN**, Washington DC USA index

Embassy of **Turkmenistan**, located in Washington DC and accredited to the United States, Canada and Mexico. Includes basic facts about **Turkmenistan**, **...**
www.**turkmenistan**embassy.org/ - 12k - Сохранено в кэше -
Похожие страницы

Пресс-Курьер Туркменбаши

www.tmpress.gov.tm/ - 1k - Сохранено в кэше -
Похожие страницы

**Turkmenistan** News, **turkmenistan** map, links

News about political, economic, environmental and social developments in **Turkmenistan** and the countries of Central Asia and the Caucasus, **...**
www.eurasianet.org/resource/**turkmenistan**/index.shtml - 36k -
27 апр 2006 - Сохранено в кэше - Похожие страницы

**Turkmenistan** - Wikipedia, the free encyclopedia

Hyperlinked encyclopedia article covers the country's history, government and politics, geography, economy, demographics, language and culture.
en.wikipedia.org/wiki/Turkmenistan - 65k - Сохранено в кэше - Похожие страницы

**Turkmenistan** - Wikipedia

**Turkmenistan** verfügt über die weltweit drittgrößten Erdgasreserven, **...** Die einzige internationale Fluggesellschaft des Landes ist **Turkmenistan** Airlines. **...**
de.wikipedia.org/wiki/Turkmenistan - 44k - Сохранено в кэше - Похожие страницы

Goooooooooogle ▶
Страница результатов: **1** 2 3 4 5 6 7 8 9 10 **Следующая**

Bu sanawyň islendik setirindäki reňklenen-tapawutlanýan adalgasyny-sözüni açsak ol açylar. Mysal üçin turkmenistan map belgiläp açsak aşakdaky ýaly Türkmenistanyň kartasy ekrana geler:




Turkmenistan | Поиск

Поиск в найденном | Языковые инструменты | Как искать

Домашняя страница Google - Рекламные программы - Всё о Google

©2006 Google




Internet-den islendik görnüşdäki okuw, usulýet maglumatlary, şol sanda okuw dersleriň boýunça hem ummasyz maglumat alyp bilersiňiz, onuň uçin ol dersiňize degişli esasy adalgany-sözi ýokardaky ýaly edip ýazmak ýeterlikdir.

Mazmuna geçmek

## 5.Outlook Express programmada dünýä elektron aragatnaşygyna goşulmagyň tehnologiýasy bilen tanyşmak

### Outlook Express programma gysgaça häsiýetnamalar

**Outlook Express** programma kompýuterde işleýäniň iş ekranyna dünýä elektron aragatnaşygyny ýola goýýar, electron hatlary hatlary alyp, şol bir bada olary berip bolýar, özüňe degişli täzelikleri, şol sanda maglumat hem-de pikir alyş-çalyşygyny ýola goýýar. Programma kompýuteriň iş ekranyndan 

>> 

>> 

>>Enter buýruklary basyp girip bolar, onuň iş ekranynyň görnüşi




**Outlook Express** programmanyň iş ekranynyň ýokarky görnüşi 5 sany esasy böleklerden ybaratdyr:

1. Папки-bölekde kompýuteriňize girýän, ondan çykýan, ugradylan, aýrylan we garalama ýazgylaryň papkalary üçin buýruklar ýerleşýär.
2. Контакты ▾-bölekde kompýuteri ulanyjynyň duşuşyklary baradaky maglumatlar ýerleşýär. Olar bar bolsa olaryň sanawy onuň aşaky etegine çykar.

Yokarky böleklerdäki sanawa basanyňyzda sagdaky bölekde onuň düzümi çykar, mysal üçin **Электронная почта**-böleginde electron aragatnaşygynyň ýola goýulmagy bilen gelen, giden habarlar barada maglumatlar alyp bolar; **Группы новостей**-bilen täzelikleriň toparyny alyp bolar. **Контакты**-bilen salgy kitabyny açyp hem-de Internetden gerek adamyňy tapyp bolar.

**Outlook Express** programmany birinji sapar açanyňyzda kompýuteriň iş ekranyna, awtomatiki ýagdaýda **Internete birikdirýän Ussat(Мастер подключения Интернету)** penjire geler, onda **Далее >** düwmäni basyp berilmeli maglumatlary degişli zolaga girizmeli, mysal üçin onuň birinji penjiresinde adyňy girizmegi soraýan penjire şeýle görnüşe eýedir




Ady girizip **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede Internetde öz elektron salgyňy girizmegi sorar




Öz elektron salgyňyzy girizip, **Далее >** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede elektron aragatnaşygynyň serweriniň maglumatlaryny girizmegi soraýan penjire açylar




Сервер входящих сообщений: -ýazgynyň sagyndaky zolakda, onuň sagyndaky -belligi basyp çykan sanawdan birini saýlap bermeli, aşakdaky zolaklarda habarlaryň girýän we çykýan serwerlerini ýazmaly, **Далее** > düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan penjirede Internet aragatnaşygyna girmegiň parametrleri berilýär




Internete girmegiň *hasaba alynýan ýazgysy* we *paroly* girizilýär, ony Internet hyzmatyny beriji prowaýder tarapyndan berilýär, olary degişli zolaga ýazyp, **Далее** > düwmäni basyp işi dowam etdirmeli, çykan aşaky penjirede Internete girmegiňiz bilen gutlaýan penjire açylar




Girmek işini **Готово** düwmäni basyp tamamlap bolar, işi täzeden başlajak bolsaňyz **<Назад** düwmäni basyp **Ussadyň** islendik penjiresine gaýdyp baryp bolar.

**6-njy ýumuş.** Her bir talyp öz kompýuterinde пуск>>Программы>>Outlook Express>>Enter buýtuklary basyp **Outlook Express** programma girsin, **Internete birikdirýän Ussat(Мастер подключения Интернету)** penjire ekrana gelse ony ýokardaky yzygiderlikde dolduryp görsün. Öň doldyrylan bolsa, kompýuter toryňyz ýok bolsa, penjire üstüne çykan mälim ediji penjiräni x belgini basyp ýapmaly. **Outlook Express**-iň sagyndaky

Локальные папки,

Входящие,

Исходящие,

Отправленные,

Удаленные,

Черновики,

Контакты >> Создать контакт...

Ýazgylary basyp görsünler, şonda penjiräniň sagyndaky bölekde çykan maglumatlar bilen tanyşsynlar hem-de soňky duşuşyklar-Контакты penjiresini basyp Создать контакт... setiri basyp çykan penjiredäki




gatlarda maglumatlar bersin. Maglumat ýazan islendik penjiräňi klawiaturadan **Alt+PrintScreen** hem-de **Ctrl+V(Вставить)** düwmeleri utgaşdyryp basyp tejribeligiň tekstinde goýmaly.

Mazmuna geçmek

### 6.Türkmenistanda Internete birikmegiň we bellige alynyşynyň şertleri

Türkmenistanda kompýuteri ulanyjylaryň Internete girmek üçin, olarda bolmaly tehniki gurluşlara talaplar:

1.Işläp duran, mümkin bolsa sanly telefon belgisi we aragatnaşygy.
2.Pentium, Celeron kysymly, işjeň ýady(operatiw ýady- **ОЗУ**) iň azyndan 8 Mb pes bolmaly däldir.
3.Kompýuteriň programma üpjünçiligi Windows ’95 we ondan ýokary hem-de **Microsoft Internet Explorer 4.0 – Full** programmanyň wersiýasy we ondan ýokary bolmaly.
4.**Modem** -14.4-den ýokary bolmaly, bolsa **USRobotics Sporster 33.6** we ondan ýokary bolsa gowy.

Internet hyzmatynyň Türkmenistanyň şäherlerindäki anyklama telefon belgileri:

- **Aşgabat - 51-12-86**
- **Mary - 6-03-95**
- **Türkmenbaşy - 2-06-76**
- **Türkmenabat - 6-41-00/01**
- **Daşoguz - 5-88-60**
- **Balkanabat - 4-45-15**

Türkmenistanda Internet hyzmatlaryny beriji “Türkmentelekom” – yň telefonlary: **51-06-74, 51-11-79,** Fakslary: **51-09-39; 51-09-38;** Elektron poçtasynyň salgysy - **E-mail: info@online.tm**, Web sahypasynyň salgysy: **HTTP:// www.online.tm**

Türkmenistanyň Online torynda Internetde bellige alynmak üçin **aşakdaky resminamalary** Aşgabat şäheri Asudalyk köçesiniň 36-njy jaýyna baryp(telefony 51-11-79) bermeli:

1.Arza ýazmaly(ýuridik taraplar öz blankalarynda arza ýazyp oňa bank rekwizitlerini hem goşmaly).
2.Öz ýanyň bilen raýatlyk pasportyň bolmaly.
3.Şäher telefon aragatnaşykdan(**ГТС**-den) aragatnaşyk hyzmatlarynda-telefonda bergiň ýoklygy barada kepulnama almaly.

Mazmuna geçmek

### 6.1.Türkmenistanda bölünen kanal arkaly Internete girmegiň guralyşy

Iňternete girmegiň tizligini çaltlandyrmak üçin adaty telefon aragatnaşykdan tapawutlylykda "TurkmenTelecom" prowaýder Size Info-kanal gurap berer. Onuň üçin Siz info-kanaly peýdalanjagyňyzy meýlnamalaşdyrýandygyňyzy görkezip talapnamany prowaýdere bermelisiňiz. "TurkmenTelecom" prowaýder Siziň talapnamaňyza seredip Internete birikmegiň birnäçe görnüşini teklip edip biler. Islendik görnüşde hem Info-kanal

arkaly Internete girmegiň standart konfigurasiýasy üçin Sizde bolmaly zerur enjamlar we gurluşlar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Cisco Router
2. Serial Wan Card
3. Cable V.35
4. Power Cable
5. Adapter for Cisco
6. Console Cable
7. 4-wired Cross Cable
8. Modem RAD – ol "Abonent" bilen "TürkmenTelekom" – yň aradaşlygyna baglylylykda zerurdyr.
9. Cisco Configmarker CD and installation software
10. "Abonent" bilen "TürkmenTelekom" aralygyna bölup berilen 2, 4 simli kabel aragatnaşygyny guramak üçin Aşgabat Şäher Telefon Toryna beren talapnama bermeli.

Şu ýokarky talaplar bolanda "TürkmenTelekom" prowaýderi Siz bilen Internete girmek üçin info-kanal barada goşmaça ylalaşyk baglaşar.

Mazmuna geçmek

## 6.2.Türkmenistanda Internete girip işlemäge bildirilýän talaplar

Ummasyz Internet kompýuter tora girip işlemegiň, onda özüňi alyp barmagyň düzgün, tertipleri bardyr. Aşakda getirilen düzgünleri bozmak, bellenen talaplary berjaý etmezlik kanuny esasda jogapkärçilige, şol sanda raýat we jenaýat jogapkärçilige getirip biler:

- ***Uzadkay ulgamyň parolyny aýyrmaga, onuň özüni ýok etmäge synanyşmaly däldir;***
- ***Emeli töleg resminamalary peýdalanylmaly däldir(mysal üçin, kredit kartoçkalaryň nomerini emeli döretmek);***
- ***Parnografiýany ýaýratmaly däl;***
- ***Lisenziýasy bolmadyk programma üpjünçiligi ýaýratmaly däl;***
- ***Kompýuter torda özüňi salyhatly alyp barmaly;***
- ***Internetdäki konferensiýalarda, çatlarda, bildiriş tagtalarynda hapa sözler ulanylmaly däldir;***
- ***Prowaýder tarapyndan berilýän öý sahypalarynda ýurdyň kanunçylygyna hem-de umumyadamzat hukuk normalaryna we özünňi alyp baryşyna gabat gelmeýän maglumatlary ýerleşdirmekden gaça durmaly.***

Ýokarky talaplaryň bir bozulsa hem Internet hyzmatlaryny beriji prowaýder "TürkmenTelekom" Sizi Internetden aýryp biler.

Mazmuna geçmek

## 6.3.Türkmenistanda Internete girip işlenilende görülmeli howpsuzlyk çäreleri

Internete girip işlenilende, onuň abonentiniň hasaba alyş maglumatlaryny, parolyny ogurlamak, ony bet niýetler üçin wagtlaýyn ulanmak has köp ýaýran jenaýatçylyk bolup

durýar, onuň garşysyna aşakdaky ýaly göreş çäreleri ulanylsa Siziň howpsuzlygyňyz üpjün ediler:

1. Size Internetiň prowaýderi tarapyndan berilen Internete girmegiň Parolyny hemmäniň elýeter ýerinde saklamaň( mysal üçin, aýratyn kagyza ýzyp kompýutere ýelmemäň, stoldaky aýnanyň aşagynda goýmaň we ş.m.).
2. Internete birbada birnäçe aragatnaşyk telefony, kabeli bilen girip işlenmeli däldir. Eger şeýle iş prowaýdere mälim bolsa Siz Internetden aýrylarsyňyz.
3. Siziň kompýuteriňizi has ynamdar adam bolmasa oňa tehniki hyzmaty etdirmäň, ýogsamam oňa ynamyňyz bolmasa Siziň Internete girmegiňiziň parolyny hem-de Siziň kompýuter tehnikaňyzyň parametrini düzmegiň parametrini ynanmaň.
4. Başga adamlara Internete girmek üçin Öz loginiňizi hem parolyňyzy wagtlaýynam bolsa peýdalanmaga bermäň.
5. Parolyňyzy Öz kompýuteriňizdäki Gaty diskde saklamaň, her sapar Internete öz golyňyz bilen girizmäge ýaltanmaň.
6. Hat goýberijä ynamyňyz bolmasa, programma goşulan elektron haty açmaň, arhiwden çykarmaň.
7. FTP-serwerlerde resmi hasaba alynmadyk, näbelli programmalary, işleri öz kompýuteriňize geçirmäň.

Häzirki wagtda Siziň **hasaba alyş maglumatlaryňyzyň** ogurlanyşynyň aşakdaky usullary bardyr:

**1-nji usul**: Siziň Internetde döreden Elektron salgyňyza her hili ýala-ýaşyryk maglumatlar iberiler. Mysal üçin, lotereýalar barada, goşmaça mugt işlemek sagatlary barada, abonentiň täzeden hasaba alynmagy barada we ş.m. Şu habarlar bilen birlikde Sizden Internete girmek üçin öz hasaba alnyş adyňyzy-loginiňizi hem-de parolyňyzy ibermegiňizi sorarlar, olara hiç-haçan jogap bermeli däldir. Olar barada maglumaty mümkin bolsa **info@telecom.tm** salga tizden-tiz ibermeli.

**2-nji usul**: Siziň hasaba alnyş maglumatlaryňyzy ogurlanmagynyň bu usulynda “troýan atlary” diýip atlandyrylýan programmalary peýdalanmakdyr. Bu programmalar poçta habarlaryna goşulan faýl (attachment) hökmünde ýaýradylýar, olar her hili gyzyklandyryjy annotasiýalar bilen ulanyjy açyp gyzyklanar ýaly ekranada peýda bolunýar. Eger Internete girip ulanyjy elektron poçta haty şol programma bilen alyp öz kompýuterinde işe girizse, onda Işe girizilen programma wirusyň bir görnüşi bolup, ol kompýuteriň eýesiniň, şol işleýän wagtynyň loginini we parolyny öz eýesine goýberer.Şeýle kompýuter wiruslaryň has kämili hem bardyr, olar Siziň kompýuteriňizde gizlenip galyp, ol kompýuteriň eýesiniň maglumatlaryny döwürleýin programmanyň eýesine iberip durar, hat-da döwürleýin paroly çalyşsaňyzam maglumat ýitgisinden goralmal mümkin däldir.

**3-nji usul**: Siziň maglumatyňyzy ýygnaýjy programmalardan has giň ýaýrany “Back Orifice” programmadyr. Programma iki bölekden, müşderi we serwer böleklerden ybaratdyr. Programmanyň serwer bölegi Siziň kompýuteriňizde goýulýar, ondan soň betniýet programmanyň müşderi bölegi bilen Siziň kompýuteriňizi dolandyrmaga girişip biler. Sziň kompýuteriňiz arkaly, Siziň işleýän kompýuter toryňyza girip gizlin maglumatlaryňyzy, faýlyňyzy ogurlap bler. Siziň kompýuteriňize şeýle programmanyň girenini haýsam bolsa bir antiwirus paketi bilen barlap bolar.Mysal üçin, Dr.Web, AVP

we başgalar. Şolaryň birini ulananyňda hem döwürleýin antiwirus bazaňy täzeläp, üsti ýetirilip durmaly. Onuň üçin Türkmenistanda **www.avp.asb.tm** saýta girip almaly ýa-da "BoDetect" programmany http://www.spiritone.com/~cbenson saýta girip almaly.

**Bellik**: ***kompýutere birbada birnäçe antiwirusy goýmak bolmaz, diňe birini goýmaly. Islendik täze antiwirusy goýjak bolsaňyz öňki antiwirusy aýyrmaly, ýogsam kompýuteriňiz iki antiwirusyň oňuşmazlygy zerarly doňup galmagy mümkindir***!

**4-nji usul**: Siziň kompýuteriňiziň Internete girmek paroly barada göwnüňize gümän gitse info@telecom.tm salgyly elektron poçta ýüz tutmaly hem-de loginiňi we parolyňy çalyşmaly, şol bir wagtda www.stc.telecom.tm we www.telecom.tm saýtlardan paroly goramak barada, özüň barada statistiki maglumatlaryňyzy özüňdäki maglumatlar bilen deňeşdirmeli.

**5-nji usul**: Eger Siziň kompýuteriňiz ýerli(lokal) kompýuter tora çatylmadyk bolsa, onda lokal kompýuter tor üçin protokollaryň we gulluklaryň hemmesini aýyrmaly. Bu ýagdaýda Size diňe iki gurluş: Dial-up Adapter – uzakdan girmegiň kontrolleri we TCP/IP – protokoly gerek bolar. Galan ähli gurluşlary öz kompýuteriňizdäki **“Мой компьютер (My Computer)”/“Панель управления (Control Panel)”/“Сеть (Network)”** papkalardan aýyrmaly. Aýryljaklar Microsoft ýa-da Netware gulluklar, NetBeui we IPX/SPX protokollar bolmagy mümkindir. Çykan gapdal **“Доступ к файлам и принтерам (File and Printer Sharing)”** menýudaky galan ähli setirlerdäki belgijikleri aýyrmaly. Eger görkezilen işleri ýerine ýetireniňiz barada göwnüňize gümän gitse TürkmenTelekomyň tehniki goldaw toparyna 511286 – telefon belgä jaň edip ýerine ýetirmeli işiň yzygiderligini, kompýuteriňiziň öňünde oturyp, ol belgidäki inženeriň aýdyşy ýaly ýerine ýetiriň.

**Bellik**: ***Hiç haçan Internet ulgama girmek üçin Siziň hasap maglumatyňyzy – parolyňyzy soralsada Internet boýunça iberäýmäň, barlanman anygyna ýetmän şeýle iş etseňiz ummasyz maliýe ýitgisine sezewar bolarsyňyz!***

Internete girmegiň parolyny ogurlamagyň programmalaýn usulundan başgada aşakdaky ýagdaýlarda hem ony ele salyp bolar:

1. Siziň kompýuteriňiz bejerilende. Bejeriş wagtynda Siziň kompýuteriňiziň winçesterindäki maglumatlar ýazylyp alnyp bilner soňra Siziň adyňyzdan Internete girizilip biliner. TürkmenTelekom ýle işleri ýurtda amal edilişi, barada www.stc.telecom.tm we www.telecom.tm saýtlarda howpsuzlyk barada maglumatlar ýerleşdirýär, olar bilen döwürleýin tanyşyp durmaly.
2. Türkmen telekom hiç wagt elektron poçta arkaly öz müşderilerine hasap maglumatlaryny-parollaryny ibermegi, çalyşmagy barada habar ibermeýär. TürkmenTelekom diňe maglumat materiallary elektron poçta arkaly ugradyp biler. Şeýle habar gowuşsa tizden-tiz ol barada info@telecom.tm – info@online.tm elektron salgylara habar bermeli.
3. Eger Siziň edara-kärhanaňyzda Internete girmegiň loginini we parolyny bilýän işgär işden çyksa hökmany suratda öz logininiňizi we parolyňyzy gyssagly çalyşyň. Täze paroly diňe özüňiz çalyşyň, ony özge adamlar bilmesin.
4. Hiç haçan loginiňi we parolyňy kompýuterde dostýňada ynanma, dostyň dosty bardyr, iki adamyň bilýänini üçünji bilýändir. Olary gizlin saklamaly, ýogsam uly maliýe ýitgileri çekmegiňiz ähtimaldyr.

5.Döwürleýin iki hepdeden bir sapar, iň bolmanda aýda bir sapar Internet hyzmaty berijä jaň edip Öz Internete girmek parolyňyzy üýtgedip duruň.

**Bellik**: *Internete girmek üçin* ***parol*** *adatça* ***Latyn harplar*** *bilen* ***sifrlar*** *utgaşdyrylyp saýlanylsa, mysal üçin,* ***ayazp85***, ***andws69*** *we ş.m. görnüşde bolsa bilinmesi kyndyr. Hiç haçan öz* ***adyňyz***, *firmaňyzyň* ***ady*** *bilen* ***doglan ýylyňyz***, *öz ýakynlaryňyz* ***ady*** *we* ***dogulan senesi*** *bilen Internete girmek üçin* ***paroly*** *saýlamaň, olary bilmek kyn däldir*! **Internete girmek we Elektron poçta girmegiň parollary tapawutly bolsun!**

Mazmuna geçmek